# Hossarlyk / hekaýa

Category: Hekaýalar,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Hossarlyk / hekaýa HOSSARLYK

Tomusky şähere gezelenje gelenime puşmanlar etdim. Obadaky süýji ukym zym uçan ýaly boldy. Sebäbi gatbar-gatbar beton tamlarda biri telewizoryny güzledip otyrmy, beýleki biri çakyr owaz bilen aýdyma zowladyp barýamy, nämemi-asyl asudalyk diýen zat bu ýerde myhman ekeni. Onuň üstesine-de aşak-ýokary münüp-düşüp ýören oglanlaryň dükürdisinden gulagym kamata geldi. Mahlasy näler uklajak bolsamda gözüm çirim etmedi.
– Eý, toba-a, toba-tagsyr-eý, munça mähelläni bir ýere dykybermek nämä derkarka? – diýen oý bilen gapas tamda çydap bilmän aşak düşdüm-de golaýdaky baga özümi atdym. Görsem, nebir hezillik, nebir asudalyk! Golaýdaky baýyrlaryň üstünden mahal-mahal aşyrym atyp gelýän dälije sergin şemal dördünji gatda tas telbäniňki dönen nepesimi tiz durlady. Men öz içki oý-hyýallaryma mübtela bolup otyryn. Ynha birdenem depämdäki agaçda guşlar gozgalaňa düşüp başlady. Ýokaryma seretsem bir topar uçup-gonup ýören serçeden başga gözüme üýtgeşik zat ilmedi.
– Ba-a, bularyňam üleşip bilmeýän weji bar-ow! Günortanyň garaňkysynda bagda meýmiräp otyrkaň apa-sapalygyňy bozan guşlaryňam sesi gulagyňa ýakmaz ekeni. Men elimi çarpyp serçeleri ürküzmekçi boldum…
– Haýt, kiş-ş.
Yzyndanam kesek atyp goýberenimde olar maňa barmysyň diýmedi. Gaýta, gyzyşan dawa artsa artdy welin kememedi. Halys bolmansoň ornumdan turup, ýokaryma dykgatly seretdim. Ine, birdenem maýşyk söwüdiň hatjasynda, guşlaryň bina eden höwürtgesinde entek ganaty bekemedik jüýjeleriň kellesi görnüp gitdi.
– E-e, bular şoňa hüjüm edýän borly – diýip, oýlap durkam ýapraklaryň arasy bilen höwürtgä tarap ýörmeläp barýan gara ýylana gözüm düşende inim dygyrdap gitdi.

– Ba-a belanyň körügi munda eken-ok Janym, nätsemkäm, elýeterden-ä belentde. Ýokary oklamaga-da hiç zat ýok. Indi bi janalgyç o janawerleri sypdyrmaýan bold-ow.
Men pikirimi hyýalymda aýlap ýetişmänkäm hedersiz barýan ýylan guş ketegine ýetdi. Ol höwürtgäniň gyrasyndan boýnuny uzadyp, dilini hoşwagtlyk bilen ýalmyldadanda ýüze çykan ahwalata haýranlar galdym. Mahluk birdenkä kellesini silkeläp dik ýokary galanda atanlykda agaçdan sypyp ýere patylap düşdi. Görsem mürtük ýapyşan ýaly bolup onuň hökgesine münen atbakar eýýäm özüniň borjuny berjaý eden ekeni.
Garagyndan jyda düşen ýylan bir hili gözgyny ýagdaýda towlanjyrap ýatyrdy.

Hangeldi GARABAÝEW,
Türkmenistanyñ halk ýazyjysy. Hekaýalar